# Global feminist we rewolýusioner ikona: Frida Kalo

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Global feminist we rewolýusioner ikona: Frida Kalo GLOBAL FEMINIST we REWOLÝUSIONER IKONA: FRIDA KALO



Hassahananyñ nosilkasynda, ýöräp ýa-da ýaşap bilerinmikä diýip geçen garabasma deýin üç hepdelik agyr bejerişden soñ gözlerini hasratyñ we bialaçlygyñ içinde zordan açan ýaşajyk aýal…

*«Ýaşan ömrümde näçe korset ulandymka? Otuz diýip bilerin. Olary bezedim. Boýaglar bilen, kiçikik begres parçalary ýelmäp, reñkli perler, ownujak aýna bölekleri bilen bezedim olary.*

*Şeýle-de ştukaturka bölekleri ýa-da erbet demirler bilen gurşalan ýaraly bedenime garşy Breton aýtmyşlaýyn «däliräpler söýülendigimi» bilmesem bolmaz. Söýginiñ hudaýy meniñ ýanymda ýalydy.*
*Söýüldim. Söýüldim. Söýüldim… Şonda-da ýeterlik bolmady, şonsuzam adamlar ýeterlik söýüp bilmeýär, muña bir ömür ýetmeýärem. Menem hemişe söýdüm. Söýgi bilen, dostluk bilen. Erkekleri, aýallary.*
*Bir erkek maña düşege geçemde teletinbaz (lezbiýanka) kimin ýatyp-turýandygymy aýdypdy. Hezil edip güldim. Bu meniñ üçin bir partnýoryñ tanalmagydy. Õzüñkä meñzeş bedeni has çuñdan tanamak…*
*Hem soñabaka awariýadan soñra, ýagny bedenim ynjandan soñ ony aýallaryñ ygtyýaryna bermäge has köp mätäçlik duýdum. Sessiz ylalaşyk, çäksiz ýumşaklyk…*
*Meniñ pikirimçe adam plýuraldyr: Erkekler aýalsypatlylygyñ alamatyny saklaýar, aýallarda bolsa erkekleriñ elemento bar. Ikisi-de birden içlerinde çaga elementini göterýärler…»*

Gürrüñsiz, bu sözleriñ eýesi Frida Kalodan başgasy bolup bilmez.
Frida bolmak üçin diýseñ agyr göreşe döz gelmek gerek.
Meksikaly suratkeş Frida Kalo hamala hasratyñ başga bir suraty ýalydy.



Inçemik murtly we bitişik gaşly Frida…
Bagtlylygyñ, ambisiýanyñ, ýoklugyñ, howalalylygyñ, zehinligiñ, bogem (kakabaş) terzli durmuşda ýaşamagyñ ikonasydy.
Çagyrylan ýerlerinde, adamlaryñ garşysyna birem makiýažsyz çykmandyr, emma özboluşly aýratynlygyna öwrülen murtuny aýyrjagam bolmandyr, gaýtam hasam garaltmak üçin galam ulanypdyr. Gyzyl pomada, gyzyl lak we parfýumeriýa onuñ ýanyndan goýmaýan zatlarydy.
Kakasynyñ «mydam oglum bolmagyny arzuw edipdim» diýen gök öýünde gözlerini açypdy çünki…
Ataly-gyzyñ arasynda ynanylmajak derejede ýakynlyk bardy. Kakasynyñ oglana bolan simpatiýasy Fridany oglan eşiginde geýinip, özüni oglan ýaly alyp barmagyna getirdi… Ýöne elbetde bu ýagdaý Fridanyñ duýgularyny üýtgedip bilmändi.



Frida sungat adamlary, feministler, kommunistler, gomoseksuallar we gyrakladylan adamlar üçin hakyky ikona boldy.
Kimsine görä ol kommunist ýa-da gomoseksual, kimsine görä-de feminist ýa-da rewolýusioner…
Men oňa aýdylan her bir jümläniň sungaty, ýaşaýşy, söýgini we hyjuwlary taýdan bärden gaýtjagyny pikir edýänlerden.
Frida adatdan daşary zehinli suratkeşdi. Hyýaly güýji bilen hasraty, satira bilen söhweti adatdan daşary güýç bilen sungatyna utgaşdyrdy.
1907-nji ýylyň 6-njy iýulynda Mehiko Sitiniň Koýoakan raýonynda dünýä indi.
Alty ýaşynda başdan geçiren çaga ysmazy zerarly bir aýagy maýyp boldy. Şonuň üçin oňa «Tagta aýakly Frida» diýerdiler.
Ýogsa, bütin ömrüne täsirini ýetiren kesel durmuşymyň diňe bir perdesi bolupdy.
Durmuş oňa birem naçar we adalatly çemeleşmändi…



Bu kesel onuñ dokuz aýlap düşekden galman ýatmagyna sebäp boldy.
Aýaklarynyñ üstünden erbet gülündi…
Şonuñ üçin ömrüniñ ahyryna çenli aýaklaryny uzyn etekleriniñ aşagynda saklady.
Elmydama ýerden süýrenip barýan uzyn köýnek geýdi. Aýaklaryndaky kemisligi örtmek üçin üç-dört joraby üst-üste geýip, fiziki kemterligini gizlemäge dyrjaşdy.
Belli bir derejede özüni ruhlandyrýandygyna ynanýandygy üçin sungata ýöneldi. Emma şeýle bir uly betbagtçylygy başdan geçirdi welin, ýagyşly agşamda klasdaşlary bilen bile batýan awtobusynyñ tramwaýa urulmagy bilen trawmatiki ýagdaýda durmuşy başga ugra gönükdi.
«Fridanyñ oñurgasy, çatalbasy, egin süñki, gapyrgalary we on bir ýerinden sag aýagy döwüldi, aýagy we omzy ýerinde çykdy. Tramwaýyñ demir syhlarynyñ biri garnyndan girip, gasygyndan çykypdy…» Jemi 32 operasiýany başdan geçirdi…
Durmuşyñ öwrümi diýjekmi, «ykbal» diýjekmi… belli däl.



Bu heläkçilik sungat döredijiligi taýdan alanda Frida üçin ruhy çeşme bolup hyzmat edipdir. Şol sebäpli 143 eserden 55-i fiziki ýaralaryň daşyna ýaňzydylmagy bilen suratlaryna siňipdir. Kakasy surat çekip bilmegi üçin onuň krowatynyň potologyna aýna goýdurypdyr.
Ýatylgy bolandygy üçin aýnadan görenlerini çekmäge başlapdyr.
Fridany suratkeş bolmaga iterenem onuň kakasynyň professional fotosuratçy bolmagy we surata bolan gyzyklanmasydy elbetde…



Frida ömürboýy özdiýenli we tutanýerli boldy. Krowaty hamana onuñ bedeniniñ bir synasyna öwrülen ýalydy.
Bir ýyldan gowrak wagt krowatdan galman ýatan gorkunç we ölüm howply döwürden soñ ahyrsoñunda ýöremäge başlady… Ýöne ol surat çekmesini-de bir gapdaldan goýmady.
Agyry-yzalary dowam eden döwründe şekillendiriş sungaty taryhynyñ iñ hyjuwly we çarkandakly söýgi gatnaşyklaryñ birine şaýatlyk edildi…



Frida ýüregini meşhur meksikaly markist diwar suratkeşi Diego Riwera aldyrdy.
Diego hem suratkeş, hem fanat derejesinde kommunistdi…
Şan-şöhraty we syýasy jedelleri bilen tanalan Dieog Fridadan 21 ýaş uly bolsa-da, onuñ bilen gezdi we nikalaşdy…
Üçünji gezek öýlenen Dieogo häsiýetsiz we ýanýoldaşyna biwepa adamdy.
Fridanyñ ejesi gyzynyñ oña durmuşa çykmagyna razy bolmandyr. Ol bu nikalaşma «kepderi bilen piliñ nikasy» diýýän eken.



Hernäme-de bolsa olar eýýäm nikalaşypdylar. Frida bilen Dieogonyñ bilelikdeligi maşgala guranyñ bilen düşündirip bolmajak derejede bulaşyk ýagdaýdady.
Aşa söýmek, biwepalyk, gabanjañlyk, gam-gussa bilen garjaşyk we kontroldan çykan gatnaşyklary bardy…
Diego wepasyz ýanýoldaşdy. Frida hem ondan pes oturmandyr…
Çarkandakly söýgüleri Dieonyñ aýallara bolan gowşaklygy ahyrsoñunda Fridanyñ sabyr käsesini doldurypdyr.
Elbetde, Fridanyñam ärinden başga erkeklerdir aýallar bilen birnäçe binika gatnaşygy bolup geçipdir.
Ýaşaşan döwründe biri-birine igenişip geçilendigi üçin oñşuksyzlyklary ýetjek derejesine ýetipdir.
Saglyk ýagdaýy-da öwerlikli däl Fridanyñ yzly-yzyna çagasy düşüpdir.




Fridanyñ uýasy Kristina bilenem gezen Diego ahyrsoñunda keselli we tapdan düşen aýalyna iñ agyr we iñ erbet zarbany urupdur.
Frida muny bilenden soñ özi üçin gymmatly baýlyk hasaplaýan saçlaryny kesipdir we şeýle diýipdir:
«Ömrümde iki katastrofa bolup geçdi: Birinjisi tramwaý heläkçiligidi, ikinjisi Diego. Emma Diego has erbedidi».
Çekýän hasratyny az-owlak ýeñledýän zat surat çekmek bilen duýgularynyñ arasynda guran köprüdi.
Hasrat ww Frida bir bitewilige öwrülipdi. Hasrat Fridany asla terk etmedi.



Frida aýrylyşandan soñ dünýäniñ iñ uly sungat işgärleri bilen bilelikde Parižde işlemäge başlady. Emma aradan geçen wagtda Diego hassahananyñ palatasynda ýene Fridanyñ elinden tutdy.
Ideallaryñ daşynda gurlan maşgaladygyny bilýäm Frida biwepa ärini ýene ýanyna alypdyr. Ýöne Fridanyñ özüniñem ýakyn gatnaşyk saklan erkekleridir aýallarynyñ sany-sajagy bolmandyr.
Fridanyñ aurasyna özüni aldyrmak kimler ýok: Meksikan aýdymçysy Çawela Wargas, fransuz suratkeş Žaklin Lamba meşhur suratkeş Pablo Pikasso, fotosuratçy Nikolas Mýurreý..
Garjaşyk gatnaşyklary hernäme-de bolsa, olary düşünjelerinden we kommunistik pelsepelerinden el çekdirmedi.
Diego we Frida okgunly kommunistdiler.
Olar SSSR-den gaçan Lew Troskini-de öýlerinde gizläp saklamakdan çekinmediler.
Komminist we rewolýisioner ruhly Fridanyñ öýüniñ diwarlaryny Marksyñ, Engelsiñ, Mao Szedunyñ, Leniniñ, Staliniñ portretleri bezeýärdi…
Frida aslyýetinde sýurealistik işler bilen onuñ ikinji öýi bolan hassahananyñ palatasynda hyýalynda janlandyranlary çekmedi…

Trawmalar bilen doly fiziki duýguçyl we psihologiki garjaşygyñ beren fiziki taraplaryny şekile geçirdi.
Ol «öz portretlerimi çekýärin, sebäp men köplenç ýalñyz, çünki iñ gowy tanaýan adamym özüm» diýýärdi.
Gangrena bolan garjaşyk we gaýgy-gussadan doly durmuşyny çeken suratlarynda şekillendirip teselli tapdy.
Frida bir sergisine gatnaşmak üçin ýatylgy ýerinden krowaty bilen sergi zalyna giren ajaýyp suratkeşdi…
Mazaly peselip ugran saglygy içgidir ulanýan demodrollary bilen ölümini çaltlandyrdy.
Tekila (pes gradusly alkogolly içgi) çüýşesini we çilimini birem elinden düşürmedi.
Gangrena bolan sag aýagy kesilenden bir ýyl gevensoñ 1954-nji ýylda öýken embolisi diagnozy bilen 47 ýaşynda aradan çykdy…
Mundan soñ ysgyn-mejaly galmadyk Fridanyñ iñ soñky çeken suraty kesilen gyzyl garpyzlardy. Ady bolsa «Ýaşasyn ýaşaýyş» atly natýurmortdy.
Soñky sözleridi we gündeliginde şeýle setirleri galdyrypdy: «Çykyş ýolunyñ gowy boljagyny we asla yzyma gaýdyp gelmejegimi umyt edýärin…»



Meksikalylaryñ iñ görnükli suratkeşi Frida Kalo feministik

hereketiñ başyny çeken sýurrealist suratkeşleriñ kerwenine goşulyp, dünýä şekillendiriş sungatynyñ taryhyna girdi.
Ölünden soñam şu günki güne çenli erkek hökmürowanlygyna baş galdyran, global feminist ikona bolup garşymyza çykmagyny dowam etdirýär…
Sözümi soñlamanka bir zady aýdaýyn: kommunist zenan suratkeşiñ portreti häzir iñ kapital restoranlaryñ diwarlaryny bezeýär…
Kosmetikadan geýime, aksessuardanlardan gap-gaç önümlerine çenli söwda ugruna gyşaran sungat ikonasynyñ populýar medeniýetiñ nädip ikonasyna öwrülendigine düşünmek şu günüñ kapital dünýäsinde hiçem kyn bolmasa gerek…
Wahap AÝDOGAN,
suratkeş.

@san_artt

Ýekşenbe, 30.06.2024 ý. Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty